# Bolgariýa

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Bolgariýa BOLGARIÝA

*Agam Şyhynyñ ýagty ýadygärligine*

Eý, gözel Bolgariýa! Eý, täsin mekan,
Heniz etmesem-de men saña sapar,
Agtyklarym señ mähriban keşbiñi
Ýürek depderimiñ gatyndan tapar.

Eý, jennet saýylýan ajaýyp ülke,
Maña aýry-başga eziz sen hasam.
Hasar bilen deñäp söýüp ýördügim,
Şipka daglarynyñ waspyny ýaýsam.

Pyragyny okaýşym deý okaýan,
Wazowyñ hem her setirin, her bendin.
Maña-da ýakyndy Georgiý atly –
Seni dünýä ýaýan beýik perzendiñ.

Şeýle bir tolgunyp, tolgunyp gidýän,
Hatda kartada-da men seni görsem.
Adamzadyñ beýik bagty ugrunda,
Jan beren agama jaý beren ýer sen.

1985.

Anna GURTGELDIÝEW. Goşgular